# Ryza Talebi: «Talaşgärleriñ kesgitlenişi saýlawyñ adalatly bolmajakdygyny eýýämden belli edýär»

Category: Kitapcy,Medisina,Nukdaýnazar,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ryza Talebi: "Talaşgärleriñ kesgitlenişi saýlawyñ adalatly bolmajakdygyny eýýämden belli edýär" RYZA TALEBI: «TALAŞGÄRLERIÑ KESGITLENIŞI SAÝLAWYÑ ADALATLY BOLMAJAKDYGYNY EÝÝÄMDEN BELLI EDÝÄR



*Eýran we Ýakyn Gündogar boýunça spesialist Ryza Talebi Eýranyñ prezidentligine geçirilýän saýlawlar boýunça soraglara jogap berýär*

Prezident Ibrahim Reisiniñ geçen 19-njy maýda Azerbaýjandan gaýdyp gelýärkä wertolýot heläkçiligine uçramagy netijesinde

aradan çykmagy Eýranda öňümizdäki ýyl geçirilmegine garaşylýan saýlawlarynyň wagtyndan öňe çekilmegine sebäp boldy.
Diňe prezident däl, eýsem dini liderligiňem iň güýçli talaşgäri bolan Reisiniň aradan çykmadyk ýagdaýynda Hünärmenler geňeşiniň ýygnanşygynda ýurduň iň ýokarky kürsüsine oturmagy daşda däldi.
Emma Reisiniň şübheli ýagdaýda aradan çykmagy diňe eýran syýasatynda däl, sebitdäki ýagdaýlarda-da birtopar nämälimlikleriň ýüze çykmagyna sebäp boldy.
Germaniýaly Eýran we Ýakyn Gündogar boýunça hünärmen Ryza Talebi 28-nji iýunda geçiriljek etran prezidentligine saýlawlar barada soraglarymyza jogap berdi.

- **«Reisiniň ölümi sebitde-de birtopar nämälimlikleriň orta çykmagyna getirdi»**

Ryza Talebiniň pikiriçe, ýadro boýunça Eýrandyr Günbataryň arasyndaky meseleleriň gutarnykly çözülmezligi bilen bir hatarda Yrak, Ýemen, Siriýa, Liwan ýaly ýurtlarda Tähranyň arkasynda durandygy belli güýçlere berilýän çäksiz goldawlaryň soňunyň näme boljakdygy belli däl.
Talebi «2020-nji ýylyň ýanwar aýynda Kasym Süleýmanynyň Yrakda amerikan güýçleri tarapyndan öldürilmeginden soň harby we diplomatiki ugurlarda bolup geçen şowsuzlyklar tapgyry dowam etdi durdy» diýýär.



*Ryza Talebi*

**• «Öň talaşgärligi kabul edilmedik şahslaryňam bu saýlawda tassyklanmagy geň görülýär»**

Günbatar bilen gepleşikleriniň arasyny üzendigine garamazdan, Eýranyň Omanyň üstünden ABŞ bilen gepleşikler geçirýändigini ýatladan Ryza Talebi «Russiýa bilen köptaraplaýyn strategiki hyzmatdaşlygy baglaşmagyň şertnamasy ukrain frontunda Russiýany goldaýandygyna garamazdan saýlawdan soňa goýuldy. Ykdysadyýetiň kynçylykly ýagdaýyna garşy gönügen protest demonstrasiýalarynyň barha güýçlenýän şertinde dini lider Hamaneýiň oglunyň häkimiýetiň ýokarky basgançagyna oturmagy baradaky myş-myşlar bu saýlawlaryň ähmiýetini hasam artdyrýar. Saýlanmaga hukugy bolan birgiden möhüm adamyň talaşgärligi Konstitusiýany Goraýjylar Geňeşi ret edilenem bolsa, jemgyýetde agramy bolmadyk adamlaryň talaşgärligi tassyklandy» diýýär.

«Mundan öňki saýlawlarda talaşgärligi kabul edilmedik şahslaryňam bu saýlawda tassyklanmagy geň görülýär» diýen

Talebi sözüniñ üstüne şulary goşdy:
«Bütin şu garjaşyklygyñ içinde asly azerbaýjan medisina professory Mesud Pezeşkiýanyñ «reformist» talaşgär hökmünde kabul edilmegi üns bererlokli. Türki dilde gepläp bilmegi bilen bir hatarda kürt dilini-de bilþän Pezeşkiýan «reformistligini» bilen bir hatarda konserwatiw garaýyşlary bilenem jemgyýetiñ ýakyndan tanaýan syýasatçysy. Güýçli oratorlyk ukybyna eýe Pezeşkiýanyn etniki we dini azlyklar üçin adalat şygarlarynyñ çäginde, türk (azeriler we türkmenler -t.b), kürt, buluç jemgyýetlerine hak-hukuklaryñ berilmegini talap etmeginiñ ýany bilen uzak wagtlap Tähranyñ halk deputaty bolup işlemegi-de onuñ ýene bir artykmaçlygy hasaplanýar.



**• «Täze nesiller has adalatly hökümetiñ bolmagyny talap edilýär»**

Talebi «bu gatlaklaryñ saýlaw sandyklarynyñ başyna äkidilmedik ýagdaýynda gatnaşygyñ pes boljagyna hemmelerem kepil geçse gerek. Syýasatşynas Hanna Arendtiñem aýdyşy ýaly, «Güýç san taýdan köplükde däl-de, bilelikde hereket etme ukybynadyr» diýýär.

«Hususanam, sosial mediýany aktiw ulanýan täze nesiller has adalatly hökümetiñ bolmagyny talap edilýär» diýýän Ryza Talebi: «Umumy meñzeşlikleri konserwatiwlik bolan beýleki talaşgärler boýunça şübheli ýagdaýlar üns merkezindekä, megerem Konstitusiýany Goraýjylar Geñeşi indi prezident kürsûsine oturjak adam babarda belli karar gelendir. Bu nukdaýnazardan saýlawyñ formal görnüşiniñ bardygyny aýtsak öte geçdigimiz bolmaz» diýdi.

- **«Jemgyýetiñ talaplarynyñ hemişe palasyñ aşagyna syrylmagy häzirki ýagdaýyñ dowam etjekdigini-de görkezýändigi üçin ýaramaz täsirini ýetirýär»**

Talebi «Karl Popper diktatorial režimlerde karizmatiki liderleriñ saýlawlary manipilirlemek arkalu güýçlerini berkidýändigini aýdýar. Eýranda bu ýagdaý Aýatolla Hamaneýiñ şahsyýetiniñ üstünden güýje girizilýär. Şonuñ üçin Hamaneý saýlawlara gatnaşygyñ pes boljakdygyna gynanybam duranok. Häzirki häkimiýetiñ güýjüni berkitmegiñ ýerine halkyñ dürli gatlaklarynyñ isleg-talaplaryny kanagatlabdyrmak ukyby bolan lideriñ saýlanmagy ýurtdaky durnukly asudalyk şertiniñ emele gelmegini üpjün eder» diýýär.
Ryza Talebi sözlerini şeýle dowam etdirdi:
«Eýrandaky güýçli merkezi agalyga garamazdan, gemgyýetiñ talaplarynyñ hemişe palasyñ aşagyna syrylmagy häzirki ýagdaýyñ dowam etjekdigini-de görkezýändigi üçin ýaramaz täsirini ýetirýär. Talaşgärleriñ saýlaw döwründe deñ derejede propoganda geçirip bilmezligi giñ gatlaklaryñ saýlawlara gatnaşygyna päsgel berýän başga bir faktor».



**• «Aýatolla Hameneýiñ karizmasy olary-da halas edýär»**

«Reformistleriñ aýdýanlarynyñ jemgyýetde garşylyk tapmazlygy öz aralaryndaky ýerliksizliklerden we oñşuksyzlyklardan gelip çykýar» diýen Talebi «Şonuñ üçinem Pezeşkiýan ýalu syýasatçynyñ talaşgärliginiñ hasaba alynmagy-da ýeterlik bolup bilmeýär. Konserwatiwleriñ arasynda-da düýpli düşünişmezlikleriñ bardygyna garamazdan, netijede Ayatolla Hamaneýiñ karizmasy olary-da halas edýär» diýdi.

**• «Şeýle şertlerde ýurduñ ýagty geljeginiñ hatyrasyna adalatly saýlawyñ geçiriljegine köpçülik ynanmaýar»**

Ýurtdaky nämälim ýagdaýda geçiriljek saýlawda gatnaşygyñ pes boljagynyñ eýýämden bildirmeginiñ umytsyzlygy çuñlaşdyrýandygyny aýdýan Talebi «Reformistleriñ we etniki azlyklaryñ hak-hukuklarynyñ goragçysy hökmünde görkezilen Pezeşkiýanyñ ortada bolmagy belki-de az-owlak umyt yşygy hasaplanyp bilner. Emma meniñ özüm-ä umytlaryñ tükenendigini aýdasym gelýär. Şeýle şertlerde ýurduñ ýagty geljeginiñ hatyrasyna adalatly saýlawyñ geçiriljegine köpçülik ynanmaýar. Çünki saýlawdan öñki propogandalarda asudalygyñ we halkyñ bol-elin durmuşynyñ asla göz öñüne tutulmaýandygyny görýäris»

diýip, sözlerini tamamlady.



Maýis ALIZADE.
Penşenbe, 20.06.2024 ý. Publisistika